# Baha kesmek işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany almak üçin talap edilýän resminamalaryň sanawy:

| | |
|---|---|
| **ýuridik şahslar tarapyndan amala aşyrylýar** | Arza (doly ady, döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi, guramaçylyk-hukuk görnüşi, hukuk salgysy, işiniň görnüşi we ony amala aşyrmagyň möhleti, şeýle hem ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň işiň bu görnüşini amala aşyrmakçy bolýan hakyky ýerleşýän ýerini görkezmeli);<br>Ygtyýarlylandyrylýan işi amala aşyrmak üçin oňa eýeçilik hukugy esasynda ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;<br>Esaslandyryş resminamalaryň tassyklanan nusgalary, ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme, şeýle hem ynanç haty, hyzmatyň şertnamasy ýa-da ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň wekiliniň ygtyýarlygyny tassyklaýan buýruk;<br>Ýuridik şahsyň işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin, işgär düzümi baradaky (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, eýeleýän wezipesini, bilim derejesini we degişli çygyrda iş döwrini hem-de baha kesijileriň hünär şahadatnamalaryny görkezmek bilen) maglumaty we olaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;<br>Wezipe sanawynda hukuk öwreniş, menejment, ykdysadyýet, maliýe, gurluşyk we beýleki inžener-tehniki ugurlar boýunça ýokary bilimi hem-de hünäri boýunça bir ýyldan az bolmadyk iş tejribesi we amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan «kiçi klasa, görnüşe» degişli hünär bilimi boýunça hünär taýýarlygy bolan, bellenen tertipde hünär synagyndan geçen we baha kesijiniň hünär dereje şahadatnamasy bolan ikiden az bolmadyk baha kesijileriniň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;<br>Garaşsyz baha kesijileriň işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamanyň dalaşgäri üçin gozgalmaýan emläge baha kesmek işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamasynyň nusgasyny goşmaly;<br>Tassyklaýan wezipe sanawy |